# Göze görünmeýän ruhlaryň barlygy çynmy? -4: Zawoddaky ruhlar

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Göze görünmeýän ruhlaryň barlygy çynmy? -4: Zawoddaky ruhlar
GÖZE GÖRÜNMEÝÄN RUHLARYŇ BARLYGY ÇYNMY?

**4. Zawoddaky ruhlar**

Moskwada 1912-nji ýylda gurlup ulanylmaga berlen harby istrebitelleriň dwigatellerini öndürýän 24-nji belgili zawodynda 1941-nji ýylda bolup geçen waka-da göz görünmeýän ruh baradaky kyssalardan biridir.
Zawodyň golaýynda XIX asyrdan bäri uruşda wepat bolan esgerleriň jaýlanýan şäheriň iň uly Semýonowskiý gonamçylygy ýerleşýän eken. Gonamçylyk geçen asyryň 30-njy ýyllarynyň ahyrynda ýapylyp, mazar daşlary sökülip aýrylýar. Gonamçylygyň boşap galan meýdanynda Semýonowskiý proýezdi çekilýär we seýilgäh gurulýar. Mazarystanlygyň galan bölegine bolsa zawodyň binasyny ulaltmak maksady bilen seh gurlupdyr. Täze sehiň açylanyna kän wagt geçmänkä adatdan daşary wakalar bolup geçýär. Işçiler zawodda göze görünmeýän ruhlaryň gaýmalaşýandygyny aýdyp, gijeki smenada işleýänler iş çykmakdan ýüze dönderýär. Emma zawodyň hojaýynlary we gizlin binany goraýan harby ýolbaşçylar bular ýaly zatlara ynanmandyrlar. Muňa garamazdan ölüleriň ruhlary barada myş-myşlar barha artypdyr. Köp sanly işgär olary hut öz gözleri bilen görendigini aýdýardy. Zawodyň adminstrasiýasy bolup geçýän zatlara real taýdan düşündiriş bermeklik üçin dürli çaklamalara ýüz urýar. Şol döwür SSSR bilen Faşistik Germaniýanyň arasy hem gowy däldi. Belki-de, nemes içalylary zawodyň işine päsgelçilik döretmäge çalyşýandyrlar? Ynha, şeýle pikirler bilen zawodyň goragy hasam güýçlendirilýär.

Emma ruh bilen baglanşykly hadysalar welin, kiparlap gidibermändir. Rus kontrrazwedkasy hadysalaryñ anygyna ýetmek üçin graždanlyk urşunyñ weterany Iwan Hrapowa tabşyrýar.
Iwan Hrapow güýçli erk-ygtyýarly adam bolupdyr, her bir işe rasional garapdyr we mistiki garaýyşlara asla ynanmandyr. Ol bolup geçýän zatlaryñ «ruh» sypatyna giren «halk duşmanlarynyñ» işidigine we bu «ruhlaryñ» petigulusyny berjekdigine tüýs ýüregi bilen ynanýardy. Hrapow 1941-nji ýylda zawoda gelip «ruh awlamaga» başlaýar.
Ilkibaşda töwerek ümsümlik eken. Ýöne birnäçe gün geçensoñ, ruhlar ýene orta çykmaga başlaýar. Seh gyzyldörjük edilse-de tapylan zat bolmaýar. Hrapow zawodda ýeke aýlanmagy makuk bilýär. Ol aýlanyp ýörkä gijeki smenada işleýän bir işçiniñ dady-perýadyny eşitýär. Derhal ses gelen tarapa ylgaýar. Hrapow gözlerine ynanmaýar. Ol howada asyl-asyl bolup we añyrsy görnüp duran adam keşbini görýär. Ruh sehiñ içinde eýläk-beýläk uçansoñ, birden gaýyp bolýar. Hrapow gören zatlarynyñ täsirinden ýaña uzak wagtlap aýñalyp bilmändir. Her näme-de bolsa, oña bolan zatlar boýunça habarnama ýazmak gerekdi. Ýöne näme ýazmaly? Gizlin harby binada ruhlaryñ gaýmalaşýanynymy? Hrapowyñ başga alajy ýokdy. Şonuñ üçin ol gören zatlaryny bolşy ýaly ýazmagy makul bildi. Habarnamany okan ýolbaşçylar pikire batýarlar. Iñ ynamdar adamlaryna şübhelenmek üçin hiç hili esas ýokdy. Emma ruhlara ynanmagam olara gelişjek zat däldi. Çünki bolşewistik ideologiýada terbiýelenen adamlaryñ añyna çagalykdan ateistik düşünje guýlansoñ, birbada bular ýaly zada ynanmajagy her kese mälim bolsa gerek. Ahyrynda zawodda ýene barlag başlaýar. Emma barlag gutarman galýar. Sebäbi 1941-nji ýylyñ 22-nji iýunynda Faşistik Germaniýanyñ ähdiýalanlyk bilen SSSR-iñ üstüne çozmagy netijesinde Beýik Watançylyk urşy başlaýar.
Göze görünmeýän ruhlary ýatdan çykarmagyñ wagty gelipdi. Zawod Moskwanyñ merkezi raýonlarynyñ birine göçürilýär. Iniñi üýşendiriji adatdan daşary hadysalar hem öz-özünden ýatyp galýar.
Uruş gutaransoñ, 1946-njy ýylda zawod hem öñki binasyna dolanyp barýar.

Häzirki wagtda bu zawodyñ binasynda Russiýanyñ uçar dwigatellerini öndürýän iñ uly «Салют» önümçilik kärhanasy işleýär.
Geçen asyryñ 90-njy ýyllarynyñ başynda köne Semýonowskiý gonamçylygynyñ ýerleşýän ýerinde «Hristosyñ direlişi» buthanasy abatlanyp, Rus prawoslaw buthanasynyñ garamagyna berildi. «Her döwür – bir döwür» diýleni. Rus ýolbaşçylarynyñ gonamçylaga bolan garaýşy-da indi bütinleý başgaça. Moskwa şäheriniñ mejlisi bu ýerde ýatan esgerleri hatyralap «Watan goragçylary» memorial binasyny gurjakdygyny mälim etdi. Göze görünmeýän ruhlaryñ näme üçin orta çykandygy we soñra näme üçin ýitirim bolandyklary baradaky sowallara welin häzirem kesgitli jogap berip bilýän ýok.

(dowamy bar)…

# Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Geň-taňsy wakalar